Dürli sypatlary boýunça senagat önümçilikleri kesgitli toparlara bölünýärler. Pudaklaryň toparlanşynyň (klassifikasiýasynyň) dürli prinsipleri bardyr:
1) Öndürilýän önümiň ykdysady maksady (niýetlenenligi) boýunça (önümçilik serişdeleri önümçilige ýa-da “A” topar, we sarp ediliş harytlary önümçiligi, ýa-da “B” topar.

Bu toparlama boýunça senagat üçin häsiýetli aýratynlyklary bölmek mümkin: senagaty üç möhüm toparlara bölmek –agyr, ýeňil we azyk senagaty; senagatyň esasy pudaklaryny olaryň önümçilikdäki ykdysady maksady boýunça paýlamak –önümçilik serişdelerini we sarp ediliş harytlary öndürýän pudaklar; şol toparlaryň her biri –agyr, ýeňil we azyk senagatlarynyň düzümini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Ol ýa-da beýleki önümçilikleri A ýa-da B topara girizmekde onuň önüminiň nirede esasan peýdalanýandygyndan –önümçilik sferasynda ýa-da durmuşda peýdalanylyşyndan ugur alynýar. Meselem, elektroenergiýanyň esasy bölegi önümçilik maksatlary üçin ulanylýar, şonuň üçinde elektroenergiýanyň hemme önümçiligi A topara girizilýär. Maşyn gurluşygy önümleri esasan önümçilik sarp edilişe eýedir, şol sebäplide onuň önüminiň bir böleginiň durmuş maksatlary üçin niýetlenendigine garamazdan, maşyn gurluşygy bütünligine A topara degişlidir.

B topara önümi şahsy ýa-da durmuş maksatlary üçin peýdalanylýan birnäçe pudaklar we önümçilikler degişlidir. Şeýle pudaklara, mysal üçin, dokma, trikotaž, tikin, aýakgap, himiýa-farmotewtika, sabun senagaty, azyk senagat pudaklar girýär.

2) Senagatyň tebigy baýlyklar bilen gatnaşygyna we onuň tebigy gurşawa täsir edişine baglylyk senagaty gazyp alýan we işläp bejerýän pudaklara bölýärler.

Senagatyň gazyp alýan pudaklarynda adam tebigy sreda gönüden-göni täsir edýär. Gazyp alýan senagatyň kärhanalary ýeriň jümmüşinden mineral çig maly we ýangyjy çykarýar, agajy we beýleki ösümlik we haýwanat gelip çykyşly çig mallary taýýarlaýar. Gazyp alýan senagat dag-magdan, agaç taýýarlaýan pudaklary, balykçylygy, şeýle-de gidroelektroenergetikany we suwprowodlaryny öz içine alýar.

**Orazmyrat ANNAÝEW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены